# Aşa araplaşan Orsyýet

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aşa araplaşan Orsyýet AŞA ARAPLAŞAN ORSYÝET




*Orslar häzir arap we yslam çeşmelerinde ýygy-ýygydan we aşa köp agzalýan bolsa, belki-de, biz tarapdan olaryñ gowy tanalýandygy üçin bolmaly.*
Orsyýet häzir Siriýadan Liwiýa çenli aralykda ähli arap ýurtlaryndaky aşa täsirliligi sebäpli, Ýakyn Gündogaryñ arap we musulman ýurdundan hiç hili parhy ýok.
Putiniñ Orsyýeti häzir Siriýa, Liwiýa, Eýran we beýleki meselelerde esasy aktýorlaryñ biridir. Beýle ýagdaýa nädip we haçan gelindi?
Bu sowalyñ jogaby öñki öñki we häzirkizaman döwürlerde şaha ýaýyp dur.
Munuñ üçin arap we musulman ata-babalarymyzyñ Orsyýete «Meskew diýary» adyny beren günlerindäki Iwan Groznydan Aleksandr I-e, Ýekaterina, Nikolaý I, II patyşalara çenli uly ors hökümdarlaryny ýatlatmagyñ hajaty ýok.
Şu uly patyşalaryñ döwürlerinde Orsyýetiñ niýeti Ortaýer deñzine koridor açmak we Garadeñiziñ bogazlaryny gözegçiligine almakdy.
Orsyýet prawoslawlar we «mukaddes ýerler» Palestinadaky hak-hukuklary boýunça-da dini jogapkärçilige eýedi.
Häzir Putiniñ Orsyýetiniñ agzalýan giñelme syýasatynyñ ýene bir döwrabap sebäbi bar.
Olam Barak Obamanyñ ABŞ-synyñ Orsyýetiñ taýga tokaýlarynyñ çal

möjegi Wladimir Putini hüjüme geçmäge getiren gowşak, yza tesiji, terk ediji syýasatydyr. Putin mundan ýerlikli peýdalandy.
Emma Orsyýetiñ Aziýadaky we Afrikadaky arap meselelerine şeýle ýakyn durýanlygyna ýene bir sebäp tapyp bilerismi?
Aşakda görkezjek kitabymy okamakdan lezzet alýarkam, şol wagtyñ dilinde gürleýän şu täsin jümläniñ üstünden bardym:
*«Orsyýet Aleksandr I-iñ döwründe ajaýyp syýasy pozisiýa gazandy, emma Beýik Fransuz rewolýusiýasyna we Napoleonyñ uruşlaryna garamazdan, göýä başga materikde ýaly bolup galdy».*
Dowam edeliñ:
*«Dogrusy, Orsyýet ýewropaly döwletden has beter aziýaly döwlet saýylýardy. Ýewropa jemgyýetine diñe Petrogrady (Sankt-Peterburg), Finlandiýany, Warşawany (Polşa) eýeländen soñ girdi. Günbatar Ýewropada krepostnoýçylyk düzgüni (ýer bilen bilelikde daýhanlaryñam miras alynmagy) ýok bolanam bolsa, Orsyýetde örän güýçli dowam edýärdi. Ýewropaly ýurtlar zawod-fabrikler gurjak bolup jan edýärkä, Orsyýet ekerançylyk bilen oññut edýärdi. Ýerler pomeşiklere degişlidi we daýhanlar olaryñ elindäki mal hasaplanýardy. Ortagürp gatlak ýok diýen ýalydy. Jemgyýetçiligiñ ýoklugy we ýurduñ tebigatyndan gelip çykýan izolýasiýa sebäpli reformalary geçirmek mümkin däl diýen ýalydy».*
(Muhammet Kasym, Hüseýin Hüsni «XIX asyr taryhy we uly urşuñ ahyryna çenli dowam eden wakalar», 152-nji sahypa.)
Salgylanylan kitap ygtybarly çeşmedir. Onuñ awtorlary 1919-njy ýylyñ rewolýusiýasyndan öñ ýazyp başlapdyrlar we munuñ üçin köp sanly Günbatar ýurduny syýahat edipdirler.
Orginal çeşmelere we şahsy barlaglara bil baglapdyrlar. Netijrde kitap gymmatly gollanma we okuw kitabyna öwrüldi.
Şonuñ üçinem XX asyryñ birinji ýarymunda Müsüriñ öñdebaryjy syýasatçylaryndan Ysmaýyl Sydky paşanyñ agzasy bolan Söwda-senagat komiteti onlarça ýyllap ýurduñ «ykdysady konstitusiýasyna» öwren müsür resminamasyny taýýarlanda, peýdalanylan çeşmeleriñ arasynda bu kitaba-da ýer beripdi.
Bu maglumaty bize kitaby çapa taýýarlan Taryk Rydwan berýär.
Şoña görä hem, orslar häzir arap we yslam çeşmelerinde ýygy-

ýygydan we aşa köp agzalýan bolsa, belki-de, biz tarapdan olaryñ gowy tanalýandygy üçin bolmaly.

Mişari ZEÝDI,
Saud Arabystanly žurnalist.

Anna, 14.02.2020 ý. Publisistika